**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2019-njy ýylyň 21-nji oktýabryndaky**
**№104 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№2-maýa goýum (ýyllyk) «Esasy serişdeleriň herekete girizilmegi we esasy serişdelere maýa goýumlar barada hasabat» (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

1. Bu forma boýunça hasabaty düýpli maýa goýumlaryny amala aşyrýan (sargytçylar, gurujylar we beýleki maýadarlar) eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan ýuridik şahslar düzýärler:

2. Hasabat ýylynyň başyna çenli tamamlanmadyk gurluşyklaryň balansynda maýa goýumlarynyň hasabyna amala aşyrylan, emma maýa goýumlary tarapyndan ýerine ýetirilmedik desgalar boýunça çykdajylary bar bolan gurujylar hem №2-maýa goýum (ýyllyk) formasy boýunça, degişli görkezijileri görkezmek arkaly hasabat berýärler.

3. Iki we şondan köp welaýatlaryň ýerlerinde gurluşyk işlerini amala aşyrýan gurujy-kärhanalar (guramalar), şol sanda her bir welaýatyň ýa-da Aşgabat şäheriniň tutýan ýerinde gurluşyklar barada hasabatlary aýry-aýry blankalarda №2-maýa goýum (ýyllyk) formasynyň hasabaty boýunça bölünip aýrylýar.

Birnäçe kärhanalar (guramalar) tarapyndan paý boýunça gatnaşmak tertibinde obýektiň gurluşygy amala aşyrylanda şeýle obýekt boýunça maýa goýumlarynyň limitleri bellenen tertipde şol kärhanalaryň (guramalaryň) – titul saklaýja (baş gurluşykça) berilýär, ol statistiki hasabatda düýpli gurluşygyň meýilnamasyny we onuň umumy esaslarda obýekt boýunça ýerine ýetirilişini görkezýär.

Kärhanalar we guramalar (döwlet, jemgyýetçilik, kooperatiw) – özlerine berlen maýa goýumlaryny baş gurluşykça beren paý boýunça gatnaşyjylar eýeleri meýilnamanyň görkezijile-rinde we №2-maýa goýum forma boýunça we beýleki degişli formalar boýunça bu maýa goýumlaryny görkezmeýärler.

Maýadarlar, sargytçylar (gurujylar) hasabatlary formanyň blankasynda görkezilen möhletinde hasabat dolandyryşynyň öz ýerleşýän ýeri boýunça tabşyrýarlar. Şunda her bir hasabat blankasynda: «şol sanda HSUK boýunça kody we HSUK boýunça şahamçanyň kody» diýlip ýazylýar (düýpli maýa goýum işiniň amala aşyrylýan getirilýär).

Birnäçe welaýatlarda ýerleşýän ulgamly gurluşyklar boýunça (nebitgeçirijiler, aragatnaşyk ýollary, demir hem-de gara ýollary we ş.m.) esasy serişdeleriň we her bir welaýat boýunça esasy serişdeleriň ulanyşa girizilişi her welaýatda ýerleşýän şol gurluşygyň aýratyn bölekleri hem-de desgalary boýunça degişli möçberine esaslanmak bilen kesgitlenýär.

4. Hasabat görkezijileriniň zerur bolan logiki we arifmetiki baglanşyklary №2- maýa goýum (ýyllyk) formanyň blankasynda göniden - göni getirilendir.

Statistiki guramalarynyň goşmaça talaplary bilen baglylykda formanyň erkin sütünleri doldurylýar.

## 1 Bölüm. Esasy serişdeleriň herekete girizilmegi we esasy serişdelere maýa goýumlaryň düzümi

5. Şu bölümiň 1, 3, 4-nji sütünlerinde önümçilik we önümçilik däl maksatly desgalar boýunça maglumatlar görkezilýär, 2-nji sütünde bolsa önümçilik maksatly desgalar boýunça, ýagny olaryň gurluşygy tamamlanandan soň maddy önümçilik gurşawynda işlenilen desgalar boýunça birmeňzeş maglumatlar aýratyn görkezilýär. Önümçilik we önümçilik däl maksatly desgalar boýunça esasy serişdeleriň we maýa goýumlarynyň paýlanylşy hasabatda №2-maýa goýum (ýyllyk) forma boýunça, obýektleriň niýetlenen ugruna baglylykda halk hojalyk pudaklarynyň (HHPUK) Umumydöwlet klassifikatoryna laýyklykda taýýarlanylýar.

6. 201-nji setirde esasy serişdeleriň işe girizilişiniň gymmaty baradaky maglumatlar görkezilýär.

Işe girizilen esasy serişdeleriň düzümine girýärler: hasabat ýylynda tamamlanan we işe girizilen kärhanalaryň (doly ýa-da aýry-aýrylykda, herekete girizilen toplumlarda, sehlerde, önümçilikde), jaýlaryň we binalaryň, demir ýollarynyň, awtomobil ýollarynyň, aeroportlaryň, deňiz we derýa duralgalarynyň, geçiriji turbalaryň, aragatnaşyk serişdeleriniň, elektrik geçiriji ýollaryň, oba hojalyk desgalarynyň, suwaryşlaryň, guradyş we suwaryş ulgamlarynyň, kanallaryň we suw-tehniki binalaryň, söwda we ammar jaýlarynyň hem-de jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň, ylmy guramalaryň, bilim, sungat, medeniýet, saglygy goraýyş edaralarynyň, administratiw jaýlaryň, kömekçi jaýlaryň we binalaryň (gurluşyk meýdanlaryny we beýleki işleri abadanlaşdyrmaga harajatlary öz içine alýar) gymmaty; herekete girizilen enjamlaryň, maşynlaryň, ulag serişdeleriniň ähli görnüşleri, gurluşygyň smetasyna girýänleriň we girmeýänleriň, montaž talap edýänleriň we etmeýänleriň gymmaty; esasy serişdeleriň hasabyna alnan gurallaryň, esbaplaryň we beýleki serişdeleriň gymmaty, şeýle hem desgalaryň gurluşygynyň ulgamynda göz öňünde tutulan arzan bahaly we çalt könelýän gurallaryň hem-de esbaplaryň gymmaty; gurulýan kärhanalaryň we tehniki gözegçiligiň direksiýalaryny saklamaga, şeýle hem taslama guramalarynyň awtorlyk gözegçiligine harajatlar; taslama-gözleg işleriniň (desgalaryň işe girizilmegi bilen bir wagtda) gymmaty; şäherleriň daşyny we ilatly punktlary abadanlaşdyrmak boýunça işleriň gymmaty; oba hojalyk däl kärhanalarynda we guramalarynda alnan işçi hem-de önüm berýän mallaryň gymmaty we beýleki harajatlar.

Esasy serişdelere gurluşyk guramalarynyň hojalyk guramaçylyk harçlarynyň hasabyna gurluşyk gidýän wagtynda salynan wagtlaýyn (titulsyz) jaýlar, binalar we gurumlar; gymmatyna garamazdan bir ýyldan az gulluk edýän esbaplar; gymmatyna we gulluk möhletine garamazdan ýörüte geýimleri we aýakgaplary edinmäge harajatlar; kesgitli desgalaryň gurluşygy bilen bagly bolmadyk geologiýa-barlag, ýergurluşygy we tokaýgurluşyk işlerine harajatlar; býujet serişdeleriniň hasabyna öndürilen iş çykdajylaryna bölünip berlen harajatlar; esasy toparlary görnüşe getirmek üçin we beýleki harajatlar; şeýle-de esasy serişdeleriň gymmatyny ýokarlandyrmaýan harajatlar düýpli maýa goýumlarynyň hasabyna salnan jaýlary, binalary we beýleki esasy serişdeleri edinmek üçin harajatlar; gurluşyk üçin ýer bölekleri paýlananda raýatlara degişli ýykylýan jaýlaryň we ekin ýerleriniň öwezini dolmak bilen bagly harajatlar; ýerleşdirmekden gelýän salgydyň möçberi; kärhanalaryň gurluşygynyň gymmatynyň smeta hasaplaýyş toparlamasynda göz öňünde tutulan gurulýan kärhanalaryň esasy işleri üçin ulanylýan kadrlary taýýarlamak üçin harajatlar; gurluşygy gurmak üçin **harajatlar we beýleki harajatlar girmeýärler**.

7. 203-nji setirde hasabat ýylynda potrat we hojalyk usullary bilen obýektlerdäki ýaly, şeýle-de gurluşygy geljek ýyla geçirilen gurluşyk-gurnama işleriniň ýerine ýetirilen umumy göwrümi görkezilýär.

Gurluşyk işlerine girýärler: hemişelik we wagtlaýyn (titullylar) jaýlary, binalary salmak, giňeltmek we durkuny täzelemek boýunça hem-de demir-beton, metal we beýleki

gurluşyk desgalaryny gurnamak bilen bagly işler; diňli kranlar üçin ýollary ýerleşdirme, düzme we beýleki kranlar boýunça işler; suwüpjünçilik içki we daşky ulgamlary, kanalizasiýalary, ýylylyk geçirijileri, gaz geçirijileri, energiýa üpjünçiligini gurmak boýunça işler; senagatyň suw çeşmelerini arassalamak üçin we atmosferany hapalanmakdan goramak boýunça desgalary girizmek işleri; gurluşygyň gidýän ýerlerini, şeýle-de obalary we şäherleri abadanlaşdyrmak we bag ekiş boýunça işler; gyş aýlary alnyp barylýan önümçilik bilen bagly bolan gurluşyk işlerine goşmaça çykdajylar, Gurluşyk ölçeglerinde we düzgünlerinde göz öňünde tutulan gurluşyk işleriniň we çykdajylarynyň beýleki görnüşleri.

Enjamlary gurnamak işlerine girýärler: gurnamanyň hilini barlamak we synag işlerini goşmak bilen tehnologiki, energetiki, ýük göterýän ulag serişdesi, nasos-kompressory we beýleki enjamlary hemişelik ulanylýan ýerinde ýygnamak we gurmak boýunça işler; enjamlar bilen konstruktiw bagly bolan meýdançalara, basgançaklara we beýleki desgalara hyzmat edýän tehnologik metal konstruksiýasynyň montaž we gurmak işleri; gyş möwsüminde enjamlary gurnamak boýunça önümçilik işleri bilen bagly bolan goşmaça harajatlar; enjamlaryň gurnama işleriniň bahalaryny görkezýän ýazgylarynda göz öňünde tutulan beýleki işler we harajatlar.

8. 205-nji setirde maşynlaryň we enjamlaryň ähli görnüşleriniň gymmaty görkezilýär: ýurduň içinde öndürilen we daşary ýurtlardan getirilen, gurluşygyň smetasyna girýän we girmeýän, gurnama talap edýän we etmeýän, şeýle hem ülňüleşdirilmedikleri.

Enjamlaryň, gurallaryň, abzallaryň harajatlarynyň düzümine girýärler: gurluşygyň smetasyna girýän tehnologiýanyň, energetikanyň, ýük göteriji ulag serişdeleriniň we beýleki enjamlaryň gymmaty; laboratoriýalar, tejribeli gurumlar, rentgen hem-de beýleki saglyk otaglary we ş. m. üçin enjamlar; düýpli gurluşygyň taslamalarynda we smetalarynda göz öňünde tutulan hem-de bir gezeklik (ýekeleýin) sargyt boýunça taýýarlanylýan ülňüleşdirilmedik we kömekçi-suw ýyladyjy gazan enjamlarynyň gymmaty; elektron hasaplaýyş tehnikalarynyň gymmaty; önümçilik gurallarynyň we esbaplarynyň, ölçeýji-barlag abzallarynyň, awtomatizasiýa we aragatnaşyk serişdeleriniň, şol sanda gurulýan kärhanalar we desgalar üçin birinji toplum hökmünde gurluşygyň smetasyna girýän arzan bahaly çalt könelýän serişdeleriň gymmaty; durmuş gurşawynyň desgalaryny ilkinji abzallaşdyrma smetasynda göz öňünde tutulan enjamlary, gurallary we esbaplary edinmäge harajatlar (ýokary we orta okuw jaýlary, umumy bilim berýän mekdepler, keselhanalar we ş.m.); gurluşygyň hasap smeta toparlamasynda göz öňünde tutulan enjamlar boýunça beýleki harajatlar; gurluşyk smetasyna girmeýän enjamlaryň, maşynlaryň we mehanizmleriň gymmaty.

9. 206-njy setirde gurluşyk smetasyna girmeýän enjamlaryň, maşynlaryň we mehanizmleriň, ýagny pudaklaryň taslama-smeta resminamalaşdyrmasyny işläp taýýarlamagyň bellenilen tertibi bilen baglylykda hereket edýän kärhanalaryň durkuny täzelemek, tehniki taýdan enjamlaşdyrmak, giňeltmek we kuwwatlyklaryny goldamak smetasyna hem-de täze kärhanalaryň (desgalaryň) gurluşygynyň smetasyna girmeýän enjamlaryň gymmaty görkezilýär.

Gurluşygyň smetasyna girmeýän enjamlara otlyny düzýän wagonlaryň jemi, demirýol ulaglarynyň konteýnerleri, suwuklandyrylan gazy äkitmek üçin sisternalar, uçarlar we beýleki raýat howa flotynyň awiasiýa enjamlary, deňiz, derýa flotynyň gämileri we konteýnerleri hem-de balyk senagaty floty, awtomobiller, awtobuslar, awtomobil ulaglar kärhanasynyň we ýol hojalygynyň köçe hem-de beýleki maşynlary, jemagat hojalygynyň köçeleri arassalaýan maşynlary we beýleki maşynlary, gurluşyk maşynlary, mehanizmler, gurallar we abzallar, şeýle-de gurluşyk we gurnamaçylyk guramalarynyň ulag serişdeleri, sökülip-düzülýän desgalaryň we binalaryň esbaplarynyň şaý toplumy, esbap jaýlar, wagonlar, araba kysymly maşynlar we gurluşyk, geologiýa-barlag hem-de gözleg guramalarynyň beýleki konteýner görnüşindäki jaýlary,

traktorlar, kombaýnlar, oba hojalyk kärhanalarynyň hem-de guramalarynyň arassalaýjy maşynlary we ulag serişdeleri, awtomaşynlar, beýleki ulag serişdeleri hem-de poçta gatnadýan konteýnerler, aragatnaşyk poçta demir ýol wagonlary, burawlaýjy enjamlar, burawlaýyş, geologiýa-barlag we gözleg işlerini geçirýän guramalaryň geofiziki enjamlary we apparatlary, energiýa bilen işleýän otlylar, hereket edýän dizel elektrostansiýalary, hyzmat ediş üpjünçilik guramalarynyň konteýnerleri, awtodükanlar we beýleki enjamlar degişlidirler.

Şu setirde maşynyň könelenini we hatardan çykanyny çalyşmak üçin niýetlenenleri goşmak bilen gurluşyk smetasyna girmeýän ähli maşynlaryň we enjamlaryň gymmaty getirilýär.

Şeýlelikde gurluşyk smetasyna girmeýän könelenini we hatardan çykanyny çalyşmak üçin niýetlenen maşynlar we enjamlar 205, 206-njy setirlerden 215-nji setirde bölünip görkezilýär.

Pudaklaryň taslama-smeta resminamalaryny işläp taýýarlamagyň bellenilen tertibi bilen bagly smeta girýän enjamlar, maşynlar we mehanizmler gurluşyk smetasyna girýän enjamlara degişlidirler. Gurluşyk (durkuny täzelemek, tehniki taýdan enjamlaşdyrmak) smetasy düzülmänkä hereket edýän kärhana ýa-da desga üçin niýetlenen maýa goýumlarynyň hasabyna alnan şeýle enjamlar gurluşygyň smetasyna girmeýän enjamlara degişli däldirler we, diýmek 206-njy setire goşulmaýarlar. Şeýle enjamlar boýunça harajatlar diňe 205-nji setirde görkezilýär.

Eger-de gurluşyk smetasyna girizilip, könelenini we hatardan çykanyny çalyşmak üçin enjamlar alnan bolsa onda, onuň gymmaty diňe 205-nji setirde görkezilýär we 215-nji setirden bölünip aýrylýar.

10. 207 setirde gurluşygyň smetasyna girýän we girmeýän, gurnaw işlerini talap edýän we talap etmeýän import maşynlaryň we enjamlaryň gymmaty, şeýle hem düýpli gurluşyk üçin taslamalarda we smetalarda göz öňünde tutulýan we bir gezeklik sargytlar boýunça taýýarlanylýan standartlaşdyrylmadyk we bug gazan-kömekçi enjamlaryň gymmaty; ekektron-hasaplaýyş tehnikasynyň gymmaty; gözegçilik-ölçeýji enjamlaryň, awtomatlaşdyrmak we aragatnaşyk serişdeleriniň, şol sanda gurulýan kärhanalar we obýektler üçin gymmat bahaly däl we çalt könelýän ilkinji toplum hökmünde smeta goşulan önümçilik gurallarynyň we inwentaryň gymmaty, sosial ulgamyň obýektlerini (ýokary we orta okuw jaýlary, umumy bilim berýän mekdepler, keselhanalar we ş.m.) başlangyç enjamlaşdyrmak üçin smetalarda göz öňünde tutulan enjamlary, gurallary we abzallary almak üçin harajatlar; gurluşyk üçin jemleýji smeta hasaplamalarynda göz öňünde tutulan enjamlar boýunça beýleki harajatlar; gurluşyk üçin smeta girmeýän enjamlaryň, maşynlaryň we mehanizmleriň gymmaty görkezilýär.

11. 208-nji setirde maýa goýumlarynyň hasabyna amala aşyrylan, düzümine taslama-gözleg işleri girýän (geljek ýyllar üçin işleri we tehniki-ykdysady esaslandyrmany işläp bejermek boýunça harajatlary goşmak bilen) beýleki düýpli işler we harajatlar, şeýle hem taslama guramalarynyň awtorçylyk gözegçiligi; gurulýan kärhanalaryň we tehniki gözegçiligiň direksiýasyny üpjün etmäge harajatlar; gazyň, nebitiň we termal suwlaryň ulanylşy we çuň gözleg burawlaýyş işleri; gorag tokaý zolaklaryny (garaşyk etmek) döretmek üçin köpýyllyk ir-iýmiş ekinlerini (baglary, üzümçiligi we beýl.) oturtmak we ýetişdirmek boýunça harajatlar; guradylmagy we dik gaýalary tekizlemegi talap etmeýän ekin ýerlerini tehniki taýdan özleşdirmäge harajatlar; oba hojalyk däl kärhanalaryň we guramalaryň işçi we önüm berýän mallary almaga edýän harajatlary; gurluşygyň smetasynda göz öňünde tutulan gurulýan kärhanalar üçin işgärleri taýýarlamaga harajatlar; ýerleri bölüp bermek we gurluşyk sebäpli göçürip ýerleşdirmek (göçürip ýerleşdirmek bilen bagly bolan gurluşyk işlerinden başga) boýunça harajatlar; gurluşyk üçin bölünip berlen ýerden peýdalanýanlaryň ýer böleklerini aýyrmak ýa-da wagtlaýyn saklamak sebäpli olara ýetirilen ýitgileriň öwezini dolmak üçin, şeýle hem beýleki döwlet we jemgyýetçilik hajatlary üçin harajatlar; täze

ýerleriň özleşdirilişi bilen baglylykda gurluşyk üçin we beýleki döwlet hem-de jemgyýetçilik hajatlary üçin deregine ýerden peýdalanyjylardan alnan ýer böleklerine harajatlar (bu maksatlar üçin gurluşyk işleriniň gymmatyndan başga); gurluşygyň gymmatynyň toparlanyş smetasynda göz öňünde tutulan gurluşyk we gurnama işlerine girmeýän beýleki işlere harajatlar görkezilýär.

12. 208-nji setirden 209-njy setire häzirki gurluşyk üçin, şeýle-de geljek ýyllaryň gurluşygy üçin taslama-gözleg işleriniň möçberi bölünip aýrylýar.

Taslama guramalarynyň awtorçylyk gözegçiligine we gurluşyk enjamlaryny, abzallaryny toparlama boýunça işleri hem-de gurluşygyň beýleki işlerine harajatlar 209-njy setirde görkezilmeýär. Şeýle harajatlar 202 we 208-nji setirlerde görkezilýär.

13. Maýa goýumlaryň möçberine goşulmaýarlar: esasy işleriň serişdeleriniň hasabyna kärhananyň taýynlanmagyna we goýberilmegine harajatlar (goýberme-düzediş harajatlary); gurnamadan öňki barlaglar we şonda enjamlaryň ýüze çykan kemçiliklerini (maýa goýumlarynyň hasabyna çykarylan harajatlardan başga) aýyrmak bilen bagly bolan harajatlar; döwlet býujetiniň ýa-da esasy ugra gönükdirilen serişdeleriniň çykdajylarynyň hasabyna edilen kömek işleriň aýratyn görnüşlerine harajatlar; enjamlaryň, jaýlaryň, binalaryň we beýleki esasy serişdeleriň düýpli abatlanylşyna edilen harajatlar; ýer we tokaý gurluşyk işlerine, şeýle hem esasy işleriň serişdeleriniň hasabyna geçirilýän ýerleri gowulandyrmak işleri boýunça harajatlar; zaýaçylygy ýok etmek we hili pes ýerine ýetirilen işleri gaýtadan işlemek boýunça harajatlar; getirilen ýa-da gurluşyk meýdançasynda taýýarlanan, ýöne işde ulanylmadyk şaýlaryň, bloklaryň, enjamlaryň we gurluşyk materiallarynyň gymmaty; beýleki harajatlar.

14. 215-nji setirde (205-nji setirden) könelenleri we ulanylanlary çalyşmak üçin alnan, gurluşyk smetasyna girýän we şol ýagdaýda girmeýän enjamlaryň gurnama talap etmeginiň we etmezliginiň gymmaty bölünip aýrylýar.

Boş meýdançalarda hereket edýän nyrhlardaky goşmaça goýmak üçin niýetlenen täze enjamlar bu setirde görkezilmeýär.

15. 218-nji setirde (209-njy setirden) geljek ýyllaryň gurluşygy üçin maýa goýumlarynyň hasabyna ýerine ýetirilýän taslama-gözleg işleri bölünip aýrylýar.

16. 1-nji bölümiň 3-4-nji sütünlerinde döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna gutarylmadyk gurluşyklary bölüp aýyrmak bilen önümçilik we önümçilik däl maksatly desgalar boýunça gutarylmadyk gurluşyklar görkezilýär.

Tamamlanmadyk gurluşyklar gurluşygyň başyndan olaryň ulanyşa girizilişine çenli gurulýan desgalar boýunça hakyky getirilen harajatlary düzýärler. Bu harajatlar ýerine ýetirilen gurluşyk, gurnama we beýleki işleriň gymmatyndan şol desgalaryň gurnamasynda ýerleşýän, kesgitlenen enjamlaryň, enjamlaryň gymmatynda görkezilen desgalaryň gurluşygy bilen baglylykda gurluşyk ýerini özleşdirmek boýunça harajatlardan we beýleki çykdajylardan düzülýär. Şeýlelikde öndürilen we gurulan materiallaryň gymmatlamagynda emele gelen goşmaça harajatlara, şeýle hem enjamlara degişlilikdäki setirden gurluşyk-gurnama işleri, enjamlar, gurallar, abzallar, beýleki düýpli işler we harajatlar görkezilýär.

Görkezilen görkezijiler boýunça maglumatlar merkezleşdirilen maýa goýumlarynyň we kärhananyň serişdeleriniň hasabyna jemlenip geçirilýär.

Tamamlanmadyk gurluşykdaky desgalara gurluşygy dowam edýän, gurluşygy wagtlaýyn ýatyrlan, togtadylan ýa-da gutarnykly bes edilen, ýöne kesgitlenen tertipde hasapdan aýrylmadyk; kesgitlenen tertipde kabul ediş kararynda hasaba alynmadyk, ulanylýan desgalar girýärler.

## 1 – nji bölüme güwanama

17. 820-nji setiriň 1-nji sütüniniň 6. bendinde getirlen esasy serişdeleriň gymmatyny ýokarlandyrmaýan harajaty bölünip aýrylýar.

18. 820-nji setiriň 2-nji sütüninde gurluşygyň esasy serişdeleriniň ýatyrylmagyndan gelen ýitgileriň bahasy bölünip aýrylýar we ol indiki görnüşde kesgitlenilýär: ýatyrylan esasy serişdeleriň (jaýlaryň, binalaryň) gurallarynyň gymmatyna, ýatyrylma bilen bagly çykdajylar goşulýarlar we ýatyrylmadan öň hasaba alnan könelmäniň (esasy serişdeleriň doly dikeldilmegi niýetlenen böleginde) gymmaty hem-de böleklere bölmeden alnan material gymmatlyklarynyň iş ýüzüne geçirilmeginden gelen gymmaty aýrylýar.

19. 820-nji setiriň 3-nji sütüninde togtadylan we wagtlaýyn bes edilen gurluşyklar boýunça harajatlaryň gymmaty barada maglumatlar bölünip aýrylýar. Desgalaryň gurluşygynyň wagytlaýyn bes edilmegi ýa-da togtadylmagy barada netijesi olaryň görkezilmegi üçin esas bolup durýar.

20. 820-nji setiriň 4-6-njy sütünlerinde esasy serişdelere girmeýän we hasabat ýylynda kesgitlenen tertipde hasapdan çykarylan ähli maýa harajatlarynyň möçberi getirilýär:

bes edilen we ýerine ýetirilmedik gurluşyklar boýunça harajaty;

esasy serişdeleriň gymmatyny ýokarlandyrmaýan harajaty (olaryň san ýazgysy 6-njy punktda getirilen);

kesgitlenen tertipde hasapdan çykarylan beýleki harajatlar.

21. 1-nji bölümiň 1-nji sütüninden 820-nji setiriň 7-10-njy sütünlerinde 820-nji setirine maýa goýumlarynyň tehnologiki düzümi boýunça degişlilikdäki sütünlerde paýlanan goşmaça gymmata salnan salgydyň möçberi bölünip aýrylýar.

## 2 Bölüm. Esasy serişdelere maýa goýumlarynyň çeşmeleri

22. 2 bölümiň 1-3 sütünlerinde goýberliş obýektleri boýunça hem, gurluşygy indiki ýyla geçirilýän obýektler boýunça hem esasy gaznalaryň, maýa goýumlarynyň we gurluşyk-gurnaw işleriniň işe girizilişi görkezilýär. Bu ýerde maliýeleşdiriş çeşmeleri boýunça maýa goýumlarynyň paýlanyşy barada maglumatlar berilýär.

23. 1 sütüniň 01 setirinde ähli maliýeleşdiriş çeşmeleriniň hasabyna işe girizilen we 1 bölümiň 1 sütüniniň 201 setirinde hasaba alnan esasy gaznalar barada maglumatlar görkezilýär.

2 sütüniň 01 setirinde maliýeleşdiriş çeşmeleriniň hasabyna esasy serişdelere özleşdirilen we 1 bölümiň 1 sütüniniň 202 setirinde hasaba alnan maýa goýumlarynyň umumy möçberi barada maglumatlar görkezilýär.

3 sütüniň 01 setirinde maliýeleşdiriş çeşmeleriniň hasabyna ýerine ýetirilen we 1 bölümiň 1 sütüniniň 203 setirinde hasaba alnan gurluşyk-gurnaw işleriniň umumy möçberi barada maglumatlar görkezilýär.

02-24 setirlerde (01 setriden) esasy gaznalaryň, esasy serişdä maýa goýumlarynyň we gurluşyk-gurnaw işleriniň işe girizilişi aýratyn maliýeleşdiriş çeşmeleri boýunça paýlanylýar. Bu maglumatlary düýpli gurluşygy maliýeleşdirmegiň meýilnamasyna, gurluşyk üçin şertnamalara we smetalara, şeýle hem seljeriş hasaba alyş maglumatlaryna laýyklykda doldurylýar.

02-nji setirde kärhanalaryň we guramalaryň öz serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän düýpli maýa goýumlary hakynda maglumatlar görkezilýär: peýdalar (olaryň peýdanyň hasabyna döredilen ýagdaýynda, ýöriteleşdirilen maksatly gaznalary goşmak bilen), esasy serişdelere çykdajylary doly dikeltmek üçin goýberilen pul, heläkçilik ýagdaýynda bolan ýitgileri, tebigy betbagtçylyklary we beýleki serişdeleri gaýtadan doly dikeltmäge ätiýaçlandyryş edaralary tarapyndan tölenen serişdeler.

02-nji setirden peýdanyň hasabyna (03 setir) we amortizasiýa tutumlaryň hasabyna (04 setir) amala aşyrylan harajatlar hakynda maglumatlar bölünip çykarylýar. 05 setirde beýleki hususy serişdeleriň hasabyna (emlägiň satuwyndan we ş.m.) düýpli maýa goýumlarynyň möçberi görkezilýär.

24. 06 setirde çekilen serişdeler görkezilýär. 06 setir 07, 15, 18, 21, 22 setirleriň jemine deň. 07 setirde karz serişdeleriň, olara banklaryň karzlary degişli (şol sanda 08 setride – daşary döwletleriň hasabyna, 09 -12 – Halkara banklaryň karzlary), maýa goýum gaznalarynyň, ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň, pensiýa gaznalarynyň we beýleki guramalaryň, daşary ýurt maýa goýujylaryň karzlarynyň, obligasiýa zaýmlarynyň, wekselleriň hasabyna maliýeleşdirilýän düýpli maýa goýumlarynyň möçberi görkezilýär.

Yzyna gaýtaryp bermek esasynda merkezleşdirilen býujetden serişdeler 07 setire goşulmaýar.

15 setirde ähli derejelerdäki: merkezleşdirilen, ýerli (bütewi býujet gazna serişdelerini goşmak bilen) býujet serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýan düýpli maýa goýumlary görkezilýär. Yzyna gaýtarylmaly esasda berilýän býujet serişdeleri hem şol setirde görkezilýär. 15 setirden merkezleşdirilen býujetiň serişdeleri (16 setir) we ýerli býujetleriň serişdeleri bölünip görkezilýär (17 setir).

18, 19, 20 setirlerde döwlet gaznalarynyň hasabyna maliýeleşdirilýän maýa goýumlary görkezilýär, olara maýa goýum gaznalarynyň býujetden daşary döwlet gaznalarynyň serişdeleri degişli.

21 setirde daşary ýurt maýa goýumlarynyň hasabyna maliýeleşdirilýän bilelikdäki kärhanalaryň sermaýa gaznasynda maliýe ýa-da başgaça görnüşde berilýän, şeýle hem halkara guramalarynyň, döwletleriň, kompaniýalaryň we beýlekileriň göni goýumlary görnüşinde maýa goýumlary görkezilýär. Bir bölegi daşary ýurt firmalary tarapyndan maliýeleşdirilýän maýa goýumlary boýunça maglumatlar ähli görkezijiler boýunça tutuş gurluşyk boýunça görkezilýär.

22 setirde 07-21 setirlerde sanalmadyk gaýry çekilen maýa goýum çeşmeleri görkezilýär, şol sanda olardan paýnamalaryň emissiýasyndan (23 setir), daşary ýurt grantlaryndan we ynsanperwerlik kömeklerinden (24 setir) çeşmeler görkezilýär. Çekilen serişdelere kärhanalaryň we guramalaryň paýnamalaryň satuwyndan gelýän serişdeler, haýyr-sahawat we beýleki tölegler, ýokarda durýan holding we paýdarlar kompaniýalary, senagat-maliýe toparlary we tölegsiz esasda beýleki guramalar tarapyndan berilýän serişdeler degişli.

## 3 Bölüm. Esasy serişdelere maýa goýumlaryň üznüksiz önümçilik düzümi (nebiti, gazy, termal suwy tapmak boýunça ulanyş we gözleg burawlaýşyna hem-de geljek ýyllaryň gurluşygy üçin taslama gözleg işlerine çykarylýan harajatlary hasaba almazdan önümçilik maksatly desgalar boýunça)

25. Düýpli maýa goýumlaryna goýlan serişdeleri we gurluşyk-gurnama işlerini taslama resminamalarynda görkezilen gurluşyklaryň häsiýetleri boýunça önümçiligiň giňeldilen gurluşynyň gönükdirilen ugurlaryna degişli etmek. Eger hereket edýän kärhananyň giňelmegi ýa-da durkunyň täzelenmegi bilen bir hatarda onuň tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrylmagy göz öňünde tutulsa onda, giňeltme (durkuny täzeleme) we tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak boýunça maglumatlar jemlenmeýär, degişlilikdäki görkezilen gönükdirme boýunça bolsa hasabatda aýratyn görkezilýär.

Haçanda hereket edýän kärhanalary giňeltmek bilen bir hatarda hereket edýän sehleriň we esasy, kömekçi hem-de hyzmat ediş maksatly obýektleriň durkuny täzelemek göz öňünde tutulan ýagdaýynda, giňeltmek we durkuny täzelemek boýunça görkezijiler yzygider önümçilik düzümleriniň degişli ugurlary boýunça gatnaşýarlar hem-de hasaba alynýarlar.

26. Hereket edýän kärhanalaryň tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrylmagy ýa-da hereket edýän kuwwatlyklaryň goldamagy bilen bagly bolan işlere degişli bolmadyk we giňeltmegiň, durkuny täzelemegiň, täze gurluşygyň taslama-smeta resminamalarynda göz öňünde tutulmadyk hereket edýän kärhanalaryň aýry-aýry desgalarynyň gurluşygy boýunça maglumatlar şol bölümiň 6-njy sütüninde görkezilýär. Şeýle desgalara önümçilik maksatly aýry-aýry desgalar, inženerçilik ulgamlary, ammar jaýlary, köpçülikleyin-hyzmat edaralary, edara we hyzmat jaýlary, jemgyýetçilik iýmiti desgalary, sagaldyş-profilaktiki, sosial maksatlaýyn we beýlekiler girýärler.

27. 3-nji bölüme goşulmaýan harajatlar:

geljek ýyllaryň gurluşygynyň taslama-gözleg işleri;

nebiti, gazy we termal suwlary ulanmak we çuň barlag burawlaýyş işleri boýunça.

28. Gurluşygyň smetasyna girmeýän enjamlara harajatlar 3-nji bölümiň, diňe 2-nji sütüninde tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrma boýunça görkezilýär.

29. 2-nji bölümiň 302-nji setirinden boş setirlerinde №2-maýa goýum (ýyllyk) formasynyň 4-nji bölüminiň A sütüninde görkezilen şol bir önümçilik pudaklary boýunça maýa goýumlarynyň giňeldilen görnüşleri boýunça maglumatlar görkezilýär.

## 4 Bölüm. Pudaklar we obýektler boýunça esasy serişdeleriň herekete girizilmegi we esasy serişdelere maýa goýumlar

30. Şu bölümde halk hojalyk pudaklarynyň döwlet klassifikatoryna baglylykda kärhanalaryň (desgalaryň) gurluşygy boýunça maglumatlar gurulýan desgalaryň halk hojalygy we senagat pudaklary boýunça nämä niýetlenendiginden ugur alyp bölünýärler.

31. Pudagyň klassifikasiýa birligi bolup ýuridiki taraplary bar bolan kärhana (gurama) çykyş edýär. Ýuridiki tarap bolup çykyş etmeýän kärhanalaryň (guramalaryň) düzüm bölekleri boýunça, şeýle hem esasy önümçilik pudaklaryň we kärhanalaryň (guramalaryň) harajatlary tutuşlygyna görkezilýär.

32. 1-4 we 6-njy sütünlerde hasabat tabşyrýan guramalaryň öz serişdeleriniň, merkezleşdirilen maýa goýumlarynyň hasabyna, şeýle hem daşary ýurt maýadarlarynyň, karzlaryň, döwlet gaznasynyň we beýlekileriň hasabyna, 5 we 7-nji sütünlerde döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maglumatlar jemlenip tabşyrylýar.

Kömekçi-hojalyk önümçiligi boýunça özbaşdak hasap birligine bölünip aýrylan, -senagatdaky senagatda däl kärhanalaryň we guramalaryň, oba hojalygyndaky oba hojalyk däl kärhanalaryň we guramalaryň, gurluşykdaky gurluşykda däl guramalaryň pudaklar boýunça maglumatlarynyň paýlanmagy şol desgalaryň maksadyndan daşary ýerine ýetirilýär.

Eger kärhananyň (guramanyň) birnäçe kömekçi senagat önümçiligi bar bolsa onda, olaryň her biriniň maglumatlary aýry-aýry görkezilýär. Meselem, eger daýhan birleşikleri kerpiç öndürýän we konserw sehleriniň gurluşygyny alyp barýan bolsa onda, bu desgalar boýunça maglumatlar «gurluşyk materiallarynyň senagaty», «azyk-tagam senagaty» pudaklary boýunça görkezilýär.

Meselem, senagat kärhanasyndaky kömekçi oba hojalygy «oba hojalygy» pudagyna, gurluşyk guramasyndaky kömekçi senagat önümçiligi «senagat» pudagyna degişli bolmalydyr we ş.m.

Kärhananyň (guramanyň) önümçilik pudaklarynyň esasy işleri boýunça senagat, oba hojalyk we gurluşyk kömekçi önümçiligi boýunça harajatsyz maglumatlar erkin setirlerde görkezilýär.

33. Abatlaýyş kärhanalaryny gurmaga, giňeltmäge, durkuny täzelemäge we tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmaga gönükdirilen maýa goýumlary, olaryň hyzmat edýän esasy işiň önümçilik pudaklaryna goşulýar.

34. 39-njy setirde suw hojalyk gurluşygy boýunça maglumatlar görkezilýär. Olaryň düzümine girýänler:

ýerleriň suwarylmagy (täze suwarymly meýdanlar, şol sanda suwarymly ot ýatyrylýan meýdanlar, şaly we gök önüm ekinleri, liman suwaryş meýdançalary), suwarymly ýerleri toplumlaýyn özleşdirmek, kollektor-drenaž setleriniň suwaryş düzgün tertibiniň toplumlaýyn durkuny täzelemek işini talap etmeýän ýerlerde gurulmagy we täzeden gurulmagy;

ýerleriň guradylmagy (täze guradylan ýerler, ulanylýan guradylan ýerleri ýapyk drenažy hem öz içine almak bilen gaýtadan düzetme we durkuny täzelemek);

öri meýdanlaryny suwarmak (täze öri meýdanlary, öri meýdanlarynda hereket edýän suw hojalygy binalarynyň durkuny täzelemek);

oba hojalyk maksatly baş suw geçirijiniň gurluşygy.

35. 40-njy setirde üzümçiligi, miweli baglary, ir-iýmişli we beýleki köpýyllyk oba hojalyk ekinlerini oturtmaga hem-de olara ulanyşa tabşyrylýança seretmäge çykarylan maýa goýumlary boýunça maglumatlar görkezilýär. Meýdan gorag tokaý zolaklaryny döretmäge harajatlar bu setirde görkezilmeýär.

36. 4-nji bölümiň 41 we 42-nji setirlerinde düýpli maýa goýumlar, esasy serişdeler we nebiti, gazy hem-de termal suwlary burawlama we çuň gözlege görä tamamlanmadyk gurluşyklar görkezilýär. Nebiti gazyp alyş we gaz senagatyndan, şeýle hem gurluşykdan bölünip aýrylýan harajatlaryň maglumatlary doly möçberde görkezilen pudaklara goşulmalydyrlar.

37. 43-nji setirde işleriň bütin toplumy boýunça oba hojalyk kärhanalarynyň gurluşygynyň harajatlary görkezilýär:

daýhan birleşiklerinde we beýleki guramalarda (oba hojalyga degişli bolmadyk kärhanalaryň we guramalaryň kömekçi hojalygyndan başga), guş fabriklerinde, inkubator-guşçulyk stansiýalarynda, at zawodlarynda, mallary emeli tohumlandyryş stansiýalarynda, iýmitlendiriş hojalyklarynda, oba hojalyk ýerleriniň tohum saýlaýyş we saýlaýyşyň synag edilýän ýerlerinde, ýüpek gurçugyň tohum zawodynda, bal arylarynyň idedilýän ýerlerinde, aýlawlarda, weterinar guramalarynda, agrohimiki, biologiki laboratoriýalarda we oba hojalygyna hyzmat edýän beýleki guramalarda, ýüňi gaýtadan işläp bejerýän kärhanalarda (önümçilik we önümçilik däl maksatly oba hojalygyna girmeýän desgalaryň, kärhanalaryň hyzmatlarynyň gurluşygyny goşmak bilen: dükanlar, naharhanalar, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işläp taýýarlamak boýunça diwar we üçeklik materiallaryny öndürýän zawodlar we sehler, daşy, çägäni, çagly we beýlekileri gazyp almak boýunça karýerler, ýaşaýyş jaýlary we durmuş zeruryýetçiliklerine niýetlenen desgalar);

suwhojalyk gurluşygynyň desgalary - suwaryş we guradyş suw hojalyk gurluşygynyň binalary («suw hojalygyna» degişli, pudagara ähmiýeti bar bolan derýa çeşmelerinden, baş suw geçirijilerden, kanallary we beýleki binalary sazlaýan suw howdanlaryndan başga);

oba hojalyk kärhanalary we guramalary üçin alynan, gurluşygyň smetasyna girmeýän köpýyllyk ekinler we traktorlar, oba hojalyk ulag serişdeleri we maşynlar;

oba hojalyk guramalaryny we kärhanalary energiýa bilen üpjün edýän oba hojalygyny elektrikleşdirme desgalarynyň gurluşygy; oba hojalyk Ministliginiň gurluşyk bölümleriniň öz önümçilik kärhanalary, şeýle hem bu bölümleriň işgärleri üçin ýaşaýyş jaýlary we durmuş pudaklarynyň desgalary;

oba hojalyk ylmyny ösdürmek bilen bagly bolan oba hünärmençilik liseýleri we orta hünärmen okuw mekdepleri, ýokary we orta okuw jaýlary, ylmy-gözleg işleri we beýleki edaralar, şeýle hem olaryň işgärleri üçin ýaşaýyş jaýlary we durmuş gurşawynyň desgalary.

43-nji setirden 44-nji setir önümçilik maksatly desgalar boýunça maglumatlar tutýarlar.

38. Önümçilige degişli bolmadyk pudaklar boýunça 4-nji bölüme girmeýärler:

kärhananyň işgärlerine hyzmat etmek üçin göz öňünde tutulan zawodyň içki sebitinde girizilen medeni hyzmat maksatly edaralar;

doly ýa-da esasan (50%-den gowragy) önümçilik gurluşyklaryna maýa goýumlarynyň hasabyna bina edilen kärhanalaryň önümçilik hajatlaryna hyzmat etmek üçin niýetlenen suw geçiriji, lagym, gaz we ýylylyk üpjünçiligi ulgamlary.

Olar boýunça maglumatlar esasy işleriň degişlilikdäki önümçilik pudaklarynda görkezilýär.

39. 53-nji setirde şu bölümiň öňündäki setirlerinde hasaba alynmadyk, önümçilige niýetlenmedik beýleki desgalar boýunça maglumatlar getirilýär: ministirlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, häkimlikleriň, jemgyýetçilik guramalarynyň, bank edaralarynyň, sudlaryň, arhiwleriň administratiw jaýlary, ýörite ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň önümçilige degişli bolmadyk desgalary boýunça.

40. Senagatyň we beýleki kärhanalaryň administratiw jaýlary önümçilik maksatly desgalar bolup çykyş edýärler we bu setirde görkezilmeýär.

## 5 Bölüm. Ykdysady işleriniň görnüşleri boýunça esasy serişdeleriň herekete girizilmegi we esasy serişdelere maýa goýumlar

Bu bölümde kärhanalaryň (obýektleriň) gurluşygy boýunça maglumatlar ykdysady işleriň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň ykdysady işleriň görnüşleri boýunça döwlet klassifikatoryna laýyklykda bölünýär.

41. YIGDK-da hojalyk subýektleriniň (fiziki we ýuridiki şahslaryň) ykdysady işleriniň görnüşleri klassifikasiýanyň obýekti bolup durýar. Ýuridiki şahsyň statusy bolan kärhana (gurama) pudagyň klassifikasion birligi hasaplanylýar. Ýuridiki şahs hasaplanylmaýan kärhanalaryň (guramalaryň) düzüm bölümçeleri boýunça harajatlar tutuş kärhana (gurama) ýaly esasy önümçilik pudagy boýunça görkezilýär.

42. 41 klas "Gurluşyk" täze gurluşygy we abatlaýyş işlerini öz içine alýar. Gurluşyk işleri işleriň geçirilişiniň usulyna garamazdan toparlara bölünýär. Iş öz hasabyna, sylag ýa-da şertnama esasynda (hojalyk ýa-da potratçylyk usullary bilen) amala aşyrylyp bilner.

43. Ykdysady işleriň görnüşi bu maddy resurslaryň, enjamlaryň, zähmetiň, tehnologiýanyň utgaşmasy bolup, ol önümleriň (harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň) birmeňzeş görnüşleriniň alynmagyna getirýän prosesdir.

Işiň bir görnüşi bir ýönekeý prosesden, meselem gurluşykdan ybarat bolup biler, ýöne her biri aýratyn klassifikasion topara girýän kiçi pro
sesleriň birnäçesini öz içine alyp biler. Meselem, gurluşyk bu toplumlaýyn prosesiň täze desgalaryň gurluşygy, giňeldiş işleri, durkuny täzelemek, dikeldiş, gaýtadan enjamlaşdyrmak işlerini ýerine ýetirmek ýaly işleriň görnüşlerini öz içine alýandygyna garamazdan, işiň bir görnüşi hasaplanylýar.

Işiň esasy görkezijisi statistiki birligiň işiniň esasy görnüşini kesgitlemek üçin ölçeg hökmünde kabul edilen görkezijä has uly goşant goşýan görnüşi, ýagny bu görkezijiniň möçberi statistiki birligiň işiniň islendik beýleki görnüşi boýunça onuň möçberinden köp bolýan işiň görnüşi.

Işiň goşmaça görnüşi: üçünji tarap üçin önüm öndürilmegine gönükdirilen, ýöne esasy hasaplanylmaýan işiň görnüşi.

Işiň kömekçi görnüşi: aralyk häsiýetdäki harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilmegini üpjün etmek bilen statistiki birligiň esasy we goşmaça görnüşlerine ýardam berilmegine gönükdirilen işiň görnüşi.

44. 1-4 we 6 sütünlerde hasabat berýän guramalaryň merkezleşdirilen maýa goýumlarynyň, hususy serişdeleriniň hasabyna, şeýle hem daşary ýurt maýa goýujylarynyň,

karzçylarynyň, döwlet gaznalarynyň we beýlekileriň hasabyna, 5 we 7 sütünlerde döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna jemi maglumatlar goýulýar.

45. 5 bölümiň 2 setirinde nebit we gaz gazyp çykarylyşy bilen baglanyşykly sylag ýa-da şertnama esasynda berilýän hyzmatlar boýunça: şol sanda burawlamaga, gaýtadan burawlamaga, yzyna gaýtaryjy-öňe tarap güýçlendirip burawlamak, buraw diňleriniň gurluşygy, ony abatlaýyş we gurnaw işleri, nebit we gaz guýularynyň oturdylan turbalaryny sementlemek boýunça, guýylary nasoslap çykarmak, guýylary bekläp ýapmak we ş.m. işlere gönükdirilen maýa goýumlary görkezilýär.

46. . 5 bölümiň 3 setirinde barlag buraw we burawlamak üşlerine gönükdirilen maýa goýumlary görkezilýär, ol barlag buraw we burawlamak işlerini, şeýle hem gurluşyk, geofizika, geologiýa barlag we şeýle maksatlar üçin buraw guýularyndan synaglaryň saýlanyp alynmagyny öz içine alýar.

47. 5 bölümiň 4 setirinde jaýlaryň umumy gurluşygyna, ýagny ähli görnüşli jaýlaryň gurluşygyna, durkuny täzelemek, dikeldiş, işlerine gönükdirilen maýa goýumlary görkezilýär.

5 bölümiň 5 setirinde raýat inženerlik desgalarynyň gurluşygyna gönükdirilen maýa goýumlary görkezilýär. Bu kiçi klas öz içine alýar: raýat inženerlik desgalarynyň: köprüleriň gurluşygy, uly ýollarda iki gat köprüleri we ýerasty geçelgeleri goşmak bilen; magistral geçiriji turbalary, magistral aragatnaşyk we elektrik geçiriji ýollary; goşmaça şäher enjamlaryny, şol sanda lagym ulgamlaryny; eger esasy material beton bolsa, meýdanlarda özüniň öndürmedik ýa-da özüniň öndüren taýýar elementlerinden desgalary gurnaw we gurnamak işleri.

48. 5 bölümiň 6 setirinde ýollaryň gurluşygyna, ýagny awtostradalaryň, köçeleriň, awtomobil ýollarynyň we pyýadalar üçin ýollaryň gurluşygyna; demir ýollaryň, uçuş-gonuş zolaklarynyň gurluşygyna; binalary goşmazdan, desgalaryň gurluşygyna; stadionlaryň, ýüzmek üçin howdanlaryň, gimnastika zallarynyň, tennis kortlarynyň, golf oýnalýan meýdanlaryň we beýleki sport desgalarynyň gurluşygyna; ýollaryň we awtoulaglaryň duralgalarynyň düşegini markalamaga; awtoulag we demir ýollaryň. aerodromlaryň we sport desgalarynyň abatlaýyş işlerine we olary saklamaga gönükdirilen maýa goýumlary görkezilýär

49. 5 bölümiň 7 setirinde suw desgalarynyň gurluşygyna, hususan: suw ýollarynyň, port we derýa desgalarynyň, şlýuzlaryň we ş.m. gurluşygyna; gatlalaryň we bentleriň gurluşygyna; kenar berkitmesiniň gurluşygyna, kenarlaryň ýapgytlarynyň berkidilmegine; düýbüni arassalaýyş işlerine; suwasty işlere gönükdirilen maýa goýumlary görkezilýär.

50. 5 bölümiň 8 setirinde gaýry gurluşyk işlerine gönükdirilen maýa goýumlary görkezilýär. Bu topar binalaryň we desgalaryň dürli görnüşleri üçin umumy bolan we ýörite kwalifikasiýany we enjamlary, hususan gurluşyk agaçlarynyň we kärendesine alnanlary hem goşmak bilen, gurnaw işlerini; direg işlerini – suw guýularynyň gurluşygyny, şahtanyň düýbüni gazyş işlerini goşmak bilen fundamentleriň gurluşygy boýunça işleri; ýörite kwalifikasiýany we enjamlary, armaturanyň egreldilmegini we kebşirleýiş işlerini talap edýän armatura işleriniň önümçiligini – galyplamak işleriniň önümçiligini – galyba beton garyndysynyň goýulmagyny we gaýry beton işleriniň önümçiligini (fundamentleri, diregleri, örtgüleri gurmak, beton taýýarlamak we ş.m.), beton garyndylarynyň dykyzlandyrmagyny goşmak bilen; kebşirleýiş işlerini goşmak bilen, binalaryň we desgalaryň gurluşygynda hususy däl taýýarlanan metaldan gurluşyk gurnamalarynyň gurnaw işleri; kerpiç işleriniň önümçiligi – daşdan bloklary örmek boýunça işleriň önümçiligi gaýry kerpiç örmek işleriniň önümçiligi, ýollara daş düşemekligi goşmak bilen; tüsse turbalarynyň gurluşygy – senagat peçleriniň gurluşygy – ýörite kwalifikasiýany talap edýän beýleki toparlara goşulmadyk gaýry gurluşyk işleriniň önümçiligini, meselem, kaminleriň gurluşygyny, jaýlaryň göçürilmegini, jaýlaryň guradylmagyny talap edýän bir ugra ýörileşdirilen gurluşyk işlerini öz içine alýar.

51. Bu bölümiň boş setirlerinde şeýle işler eger bar bolsa, Türkmenistanyň ykdysady işleriniň döwlet klassifikatoryna laýyklykda bölümde görkezilmedik ykdysady işleriň beýleki görnüşleri boýunça maglumatlar berilýär. Şeýle hem bu bölümde tutuş kärhanadaky (guramadaky) ýaly ykdysady işleriň esasy görnüşi boýunça enjamlary, gurallary we abzallary almaga gönükdirilen maýa goýumlary boýunça maglumatlar görkezilýär.

### 6 Bölüm. Raýat-ýaşaýyş maksatly obýektleriň herekete girizilmegi we maýa goýumlarynyň peýdalanylmagy

52. Bölümde ýaşaýyş jaýlarynyň we umumy ýaşaýyş jaýlarynyň, keselhanalaryň, saglyk öýleriniň, mekdepleriň, mekdebe çenli edaralaryň we beýleki durmuş hal ýagdaýynyň desgalarynyň, şeýle hem şol desgalar boýunça maýa goýumlarynyň işe girizilişiniň maglumatlary görkezilýär.

53. Bu bölümde täze gurulýan obýektler boýunça, şeýle-de hereket edýän binalary täzeden gurmak, eger-de olar maýa goýumlarynyň hasabyna amala aşyrylýan bolsa, gaýtadan enjamlaşdyrmak, durkuny täzelemek, giňeltmek boýunça maglumatlar hem görkezilýär.

54. Işe girizilen raýat-ýaşaýyş maksatly desgalar hasabatda bellenen tertipde, hakykatda ulanmaga alnan möçberde görkezilýär.

55. Ulanylan maýa goýumlarynyň möçberine ulanmaga tabşyrlan desgalar boýunça, şeýle hem gurluşygy dowam edýän desgalar boýunça (gurluşygy wagtlaýyn ýatyrlan, togtadylan ýa-da gutarnykly bes edilen desgalar boýunça harajatlary goşmak bilen) bir ýylda ýerine ýetirilen hemme harajatlar goşulýarlar.

56. 7 we 8-nji setirlerde oba ýerlerinde, kanun çykaryjy tertipde ilatly punktlara degişli edilmedik ýaşaýyş jaýlarynyň we beýleki durmuş-medeni maksatly desgalaryň işe girizilişi bölünip görkezilýär.

57. 501-nji setirde ýaşaýyş jaýynyň umumy meýdanynyň işe girizilişi baradaky maglumatlar görkezilýär. 502-nji setirde ýerleriň umumy (peýdaly) meýdanynyň işe girizilişi baradaky maglumatlar we 505-nji setirde ýaşaýyş meýdançalarynyň hem-de umumy ýaşaýyş jaýlaryň işe girizilişi barada maglumatlar görkezilýär.

Ýaşaýyş jaýlarynyň umumy meýdany ($m^2$) ýaşaýyş jaýlarynyň (peýdaly) umumy meýdanyny we goşmaça (kömekçi) jaýlaryň umumy meýdanyny, şeýle hem dükanlaryň, dermanhanalaryň, mekdebe çenli edaralaryň, dellekhanalaryň, egin-eşik tikilýän, kir ýuwulýan jaýlaryň we beýleki durmuş hyzmat ediş kärhanalaryň, ýaşaýyş jaý dolandyryş edaralaryň, kitaphanalaryň, sport jaýlarynyň we beýlekileriň meýdanyny, şeýle hem hojalykda ulanylmaýan ýerzeminleri we üçekleri hasapdan aýyrmak bilen, ýaşaýyş jaýlarynyň taslamasyna girýän westibýullaryň, hollaryň, basgançak meýdançalarynyň, umumy dälizleriň meýdanyny öz içine alýar.

Ýaşaýyş jaýlaryň umumy (pedaly) meýdany ýaşaýyş meýdanyndan we kömekçi jaýlaryň meýdanyndan ybaratdyr. Ýaşaýyş meýdanyna öý we myhmanhana görnüşindäki ýaşaýyş jaýlaryň, şeýle hem ýaşaýyş öýleri bolan ýaşaýyş däl jaýlar, ýaşaýyş otaglaryň meýdany hem girýärler: naharhanalar, ýatylýan jaýlar, öýüň içindäki çaga we beýleki ýaşaýyş otaglary. Umumy ýaşaýyş jaýlaryň meýdanynda diňe ýatylýan otaglaryň meýdany we ýaşamaklyk üçin otaglar hasaba alnýar.

Öý we myhmanhana görnüşindäki ýaşaýyş jaýlarynyň kömekçi jaýlaryna, şeýle hem ýaşaýyş däl maksatly jaýlaryň öýlerine olaryň içinde ýerleşýän aşhanalar, koridorlar, sanuzeller, wannaly we garderobly otaglar, ammarlar, oturdylan şkaflar, öýdäki ýapyk eýwanlar, açyk eýwanlar we ş. m. girýärler.

Umumy ýaşaýyş jaýlarynda kömekçi jaýlara degişlidirler: aşhanalar, koridorlar, sanuzeller, wannaly, duşly we garderobly otaglar, gurnalan şkaflar we beýleki medeni-hyzmatlar üçin niýetlenen hem-de saglyga hyzmat ediş jaýlary.

Peseldilen koeffisientde gurnalan umumy (peýdaly) meýdança ýapyk eýwanly otaglar, açyk eýwanlar, dalanlar we balkonlar girýärler, eger-de olar ýaşaýyş jaýlaryň taslamasynyň ykdysady-tehniki görkezijileri tarapyndan göz öňünde tutulan bolsa.

Ýaşaýyş jaýlarynyň umumy (peýdaly) meýdanynyň işe girizilmegini öz içine almaýar: ýaşaýyş jaýlarynyň we umumy ýaşaýyş jaýlarynyň içindäki ýaşalmaýan jaýlar üçin niýetlenen dükanlar, mekdebe çenli edaralaryň dermanhanalary, dellekhanalar, geýim-gejim dikilýän we ýuwulýan jaýlar hem-de beýleki hyzmat ediş kärhanalary, öý dolandyryş edarasy, kitaphanalar, sport jaýlary we beýlekiler, şeýle hem westibýullaryň, tamburlaryň, hollaryň, basgançakly meýdançalaryň, umumy dälizleriň meýdany.

6-njy bölümiň erkin setirlerinde raýatlar üçin niýetlenen ähli desgalar boýunça maglumatlar görkezilýär: «Suwgeçiriji», «Lagym», «Gazlaşdyrma», «Ýylylyk üpjünçiligi», «Myhmanhanalar», «Gospitallar», «Saglyk öýleri», «Sanatoriýalar», «Sport zallary», «Ýüzülýän howuzlar», «Bedenterbiýe-sagaldyş toplumlary», «Ýokary okuw jaýlary».

58. «Suwgeçiriji» setirinde suw kabul ediş binalarynyň gurluşygy, nasos stansiýalary, rezerwuarlar, suw geçirijiler, arassalaýjy desgalaryň şäher ulgamlary we beýleki suw bilen üpjün edýän desgalar boýunça maglumatlar görkezýär.

Öý içeri ulgamlaryny jaýlara girizmegiň gurluşygy boýunça maglumatlar bu setirde görkezilmeýär.

Suwgeçirijiniň herekete girizilişi iki ölçeg birliginde görkezilýär: suw geçirijiniň gije-gündiziň dowamynda kuwwatlylygy bir müň kub metr suw, suw geçirijiniň we köçe ulgamynyň uzynlygy kilometrde-bir setire ýerleşdirilen hemme turbalaryň uzynlygynyň ýekeleýin hasaba alynmagy. Eger-de turbalar birnäçe hatarlara ýerleşdirilen bolsa, onda olaryň uzynlygy ähli hatarlaryň uzynlygyny jemlemek boýunça kesgitlenýär.

59. «Kanalizasiýa» setirinde arassalaýyş binalaryny, nasos bilen sorup alyjy stansiýalary, köçe ulgamlaryny we kollektorlary hem-de kanalizasiýanyň beýleki desgalaryny gurmak boýunça maglumatlar görkezilýär.

Bu görkezijä jaýlaryň goýberilişi we kanalizasiýalaryň jaýlaryň arasyndaky ulgamlarynyň gurluşygy boýunça maglumatlar girmeýärler.

Kanalizasiýalaryň işe girizilişi iki ölçeg birliginde görkezilýär: kanalizasiýanyň (goýberiş ukyby) kuwwatlylygy gije-gündiziň dowamynda müň kub metr akar suwlary we kollektorlaryň hem-de ulgamlaryň uzynlygy kilometrde.

60. «Gazlaşdyrma» setirinde şäherlere ýa-da beýleki ilatly punktlara gaz paýlaýjy stansiýalardan gaz geçirijileri, gaz ulgamlaryny ýaýradyjy nokatlary, gaz paýlaýjy we gazgözleg stansiýalary hem-de beýleki gaz bilen üpjün ediş desgalarynyň gurluşygy boýunça maglumatlar görkezilýär.

Gaz ulgamlarynyň uzynlygy boýunça işe girizilişi kilometrde görkezilýär.

Bu setire gazlaryň girizilişiniň gurluşygy, jaýlaryň arasyndaky gaz ulgamlarynyň we täze gurulýan ýaşaýyş jaýlarynyň gazlaşdyrylmagy girizilmeýär.

61. «Ýylylyk üpjünçiligi» setirinde şäheriň baş we paýlaýjy ýylylyk ulgamlarynyň, ýylylyk nokatlarynyň, ýyladyş gazanlarynyň hem-de beýleki ýylylyk bilen üpjün ediji desgalaryň gurluşygy boýunça maglumatlar görkezilýär.

Ýylylyk ulgamlarynyň işe girizilişi olaryň uzynlygy boýunça kilometrde, ýyladyjy gazanlaryň işe girizilişi - gigakaloriýa sagatda görkezilýär (gigakal / sag).

Bu setire ýylylyk elektrik merkezleriniň we baş ýylylyk ulgamlarynyň gurluşygy boýunça olardan ýylylygyň girizilişiniň jaýlaryň arasyndaky ýylylyk üpjünçiligi setiniň, kotelnileriň, täze gurulýan ýaşaýyş jaýlarynyň ýylylyk üpjünçiliginiň gurluşygy boýunça maglumatlar girizilmeýär.

62. «Myhmanhanalar» setirinde myhmanhanalaryň (söwdatehnologik enjamlary bolmadyk restoranlar), gaýry yerlerden gelýänler üçin jaylaryň, şeýle hem kempingleriň we motelleriň gurluşygy boýunça maglumatlar görkezilýär.

63. «Gospitallar» setirinde keselhanalaryň, Watançylyk urşunyň maýyplary üçin gospitallary öz içine almak bilen, çaga dogrylýan öýleriň, çaga keselhanalarynyň, heýwere keselini bejerýän keselhanalaryň, şeýle hem ýokary okuw jaýlarynyň klinikasynyň gurluşygy boýunça maglumatlar görkezilýär. Şeyle-de işe girizmä stasionar poliklinikasyndaky orunlar, dispanserler, medisina ylmy-barlag institutlary, lukman we feldşer saglyk nokatlary, medisina sanitar bölümleri we feldşer-akuşer punktlary girýärler.

«Saglyk öýleri» setirinde poliklinikalaryň (keselhanalardakylary we özbaşdaklary), ambulatoriýalaryň, dispanserleriň, medisina sanitar bölümleriniň, saglyk nokatlarynyň, feldşer-akuşer nokatlarynyň, aýallaryň we çagalaryň degişli maslahatlar almaga gelýänleriň mukdary görkezilýär.

Durmuş-medeni hal ýagdaýyndaky desgalaryň gurluşygyna ulanylan maýa goýumlary baradaky maglumatlar degişli sütünleriň setirlerinde görkezilýär.

64. «Sanatoriýalar» setirinde orunlaryň işe girizilmegine sanatoriýalar boýunça maglumatlar, hereket edýän we gurulýan sanatoriýalaryň tomusky ýatylýan jaýlaryndaky orunlar, profilaktoriýa-sanatoriýalary boýunça, işçilere hyzmat etmek üçin olaryň dynç alyş döwründe we olaryň zähmet işlerinden daşlaşmazlygyna niýetlenen maglumatlar girýärler.

65. «Dynç alyş öýleri» setirinde dynç alyş öýleriniň gurluşygy hakynda maglumatlar görkezilýär. Klimatik kurortlaryň we dynç alyş zolaklaryň pansionatlary dynç alyş öýlerine deňelýär.

«Sport zallary» setirinde bu zallaryň ýokary okuw jaýlary, tehniki okuw jaýlary, liseýler, orta hünärmen mekdepler, umumy bilim beriji mekdepler, mekdebe çenli edaralar, kärhanalar, guramalar we beýlekiler üçin gurluşygy barada maglumatlar görkezilýär. Bu setirde aýratynlykda gurulýan jaý hökmünde ýerleşdirilen şeýle jaýlary salmakda, goşmaça gurmakda sport zallary, şeýle hem boks, göreş, gimnastika, agyr atletika we beýlekiler üçin ýöriteleşdirilen sport zallary boýunça maglumatlar hasaba alynýar.

«Ýüzülýän howuzlar» setirinde okuw jaýlarynda, mekdebe çenli edaralarda, kärhanalarda, guramalarda we ş.m tutuş ýylyň dowamynda ulanmak üçin niýetlenen, ýyladylýan ýapyk we açyk ýüzüş howuzlary görkezilýär. Bu setirlerde beýleki sport binalary bilen toplumlarda gurulanlary goşmak bilen aýratyn duran jaýlardaky, şeýle hem jaýlaryň içinde, daşynda goşmaça gurulan howuzlar görkezilýär.

«Bedenterbiýe-sagaldyş toplumlary» setirinde guruluşyk materiallarynyň görnüşinden garaşsyzlykda ähli BST-nyň bina edilýäniniň gurluşygy boýunça maglumatlar görkezilýär. Olaryň umumy jeminden BST-y boýunça ýeňil metal we ýelmenen agaç konstruksiýalaryndan maglumatlar aýratyn setire bölünip görkezilýär. Bejeriş-sagaldyş edaralaryndaky, gospitallardaky, sanatoriýlerdäki, dynç alyş öýlerindäki we ş.m. sport zallary hem-de ýüzülýän howuzlar sport binalaryna girmeýärler we degişlilikdäki setirde hasaba alynmaýar.

66. «Ýokary okuw jaýlary» setirinde işe girizilişi işçi meýdanyny öz içine alýan ylmy-laboratoriýa jaýlarynyň umumy meýdany boýunça, ýagny ylmy-önumçilik we kömekçi jaýlaryň meýdanynyň gymmaty hem-de kömekçi we tehniki jaýlaryň meýdany görkezilýär.

Ýokary okuw jaýlaryna aşakdaky okuw jaýlary girýärler: akademiýalar, uniwersitetler, institutlar, konserwatoriýalar, ýokary mekdepler we beýleki ýokary bilim berýänler.

67. 900, 901-nji setirlerde «mekdepler» internat-mekdepleriniň ähli görnüşlerini goşmak bilen täze hereket edýän umumy bilim berýän mekdepleriň gurluşygy we enjamlaşdyrylyşy boýunça, şeýle hem giňeltme we gaýtadan enjamlaşdyrma boýunça maglumatlar görkezilýär.

Eger maýa goýumlaryň hasabyna beýleki maksatlar üçin niýetlenen jaýlar mekdep üçin ulanmaga taýýarlanýan bolsa, onda şol desgalar boýunça maglumatlar hem görkezilen setirde hasaba alynýar.

Eger hereket edýän mekdepleriň giňeldilmegi we gaýtadan enjamlaşdyrylmagy netijesinde okuwçy orunlary artsa, onda 901-nji setirde orunlaryň sanynyň artany görkezilýär, mekdepleriň sany bolsa 900-nji setirde görkezilmeýär.

68. 910-njy setirde «Mekdebe çenli edaralar» täze mekdebe çenli edaralaryň gurluşygy we enjamlaşdyrylşy boýunça, hem-de bu maksatlar üçin bar bolan guramalaryň giňeldilmegi we gaýtadan enjamlaşdyrylmagy boýunça maglumatlar getirilýär. Şunlukda 910-njy setirden aýratyn setire bölünip aýrylýan möwsümleýin mekdebe çenli edaralar boýunça maglumatlar hem görkezilýär.

## 7 Bölüm. Ýaşaýyş jaýlaryndaky öýleriň herekete girizilmegi (lodjiýalaryň, eýwanlaryň, öýlerdäki werandalaryň we terassalaryň meýdanyny hasaba goşmazdan)

69. Bu bölümiň 710-715-nji setirlerinde hasabat ýylynda merkezleşdirilen maýa goýumlarynyň we kärhanalaryň hem-de guramalaryň hasabyna girizilen öý görnüşli (umumy ýaşaýyş jaýsyz) ýaşaýyş jaýlary boýunça öýleriň işe girizilişiniň maglumatlary getirilýär, ýagny 6-njy bölümiň 1-nji sütüninde görkezilen jaýlar boýunça.

Açyk eýwanlaryň, balkonlaryň, öýlerdäki eýwanlaryň we dalanlaryň meýdany bu bölümde hasaba alynmaýar.

Myhmanhana görnüşindäki ýaşaýyş jaýlarynda öýleriň sany koridora aýratyn çykalgasy bolan (bir otagly öýler) özbaşdak otaglaryň sany bilen kesgitlenýär. Iki we şondan köp otagly bolan, şol sanda özbaşdak öýler bir öý diýlip hasaplanylýar.

## 8 Bölüm. Tamamlanmadyk gurluşykdaky ýaşaýyş jaýlary

70. Tamamlanmadyk gurluşykdaky ýaşaýyş jaýlary we umumy ýaşaýyş jaýlary boýunça maglumatlar hasabat döwrüniň ahyry ýagdaýyna görä doldurylýar. Olara gurluşygy dowam etdirilýän, wagtlaýyn togtadylan, duruzylan ýa-da gutarnykly bes edilen ýaşaýyş jaýlary degişli.

Gurluşygy doly tamamlanan we ulanmaga berlen ýaşaýyş jaýlary, şeýle hem çagalar öýleriniň, garrylar öýleriniň, maýyplar we maýyp-çagalar öýleriniň ýatmak üçin binalary hasabata goşulmaýar.

30 setirde ýaşaýyş jaýlarynyň sany, 31 setirde taslama-smeta resminamasynda göz öňünde tutulan ýaşaýyş jaýlarynyň umumy meýdany görkezilýär.

## 9 Bölüm. Diwaryň materialyna baglylykda (goşmaça gurulýandan we ýaşaýyş däl jaýdan ýaşaýyş jaýyna öwrülýäninden başga) we önümçilige degişli bolmadyk aýratyn duran obýektleriň gymmaty

71. Bu bölümde diwar materiallaryna baglylykda ýaşaýyş jaýlarynyň gymmaty we orta mekdepleriň, mekdebe çenli edaralaryň, gospitallaryň, saglyk öýleriniň gymmaty barada maglumatlar görkezilýär.

Gymmatlyk görkezijiler oturdan soň bir belgä çenli takyklamak bilen müň manat ölçegde görkezilýär.

**Maýa goýumlaryň statistikasy we seljerişi müdirligi**